## “Deňizçi Sindbad baradaky ertekiler toplumy”

“Müň bir gijäniň” Sindbadyň ýedi syýahaty barada gürrüň berýän bölegi dünýä okyjylarynyň arasynda aýratyn meşhurlyk gazandy. Täsinlikler dünýäsini, jadyly başdan geçirmeler, Sindbadyň bagtyýar hem bibagt günleri, iň bir aýylganç synaglara döz gelip, olardan üstün çykyşy, eseriň döän günlerinden, tä biziň döwrümize çenli okyjylaryň ünsüni özüne çekip geldi.

Täjiriň başdan geçirmeleri elbetde, durmuşyň içinden alnan. Ýer ýüzüniň entek açylmadyk, aýan bolmadyk ýerlerine syýahada gitmek däbi gadym eýýamlarda syýahatşynas adamlaryň arasynda ýoň bolupdyr. Sindbad hem şeýle niýet bilen dünýäniň köp ýerlerine, ençeme deňizlere “külüni döküpdir”.

Sindbad hakyndaky ertekiler toplumynda hem edil “Müň bir gijäniň” düzümine girýän beýleki ertekilerdäki ýaly başga bir wakalardan söze başlanýar. Hammalçylyk (egni, kellesi bilen ýük çekmek) bilen güzeranyny dolaýan, garyplykdan, horlukdan lüti çykan, çörek puly üçin tutuş gününi ötürýän gury ýerde gezen Sindbad saý – sebäp bilen, deňizde gezen Sindbadyň saraýyna aralaşýar we onuň merhemedine duçar bolýar. Şeýlelik bilen ertekiniň içinden erteki çykarylyp, wakalaryň dowamlylygy gury ýerde gezen Sindbaddan aýlanyp, deňizde gezen Sindbadyň başdan geçirmeleirne syrygýar. Ertekilerde Sindbadyň obrazyna diňe bir jomartlyk, aja aş, ýalaňaja don bermek häsiýeti çaýylman, eýsem ol özüniň täsin başdan geçirmelerini hekaýat edýan, alçak, mähirli, ynsanperwer, dostluga gol ýapýan, gaýduwsyz, pähim – parasatly, şeýle – de Allanyň ýazan kysmatyna ynamdar, oňa bolan berk imanly adam edilip orta çykarylýar. Gahrymanyň bu häsiýetleri onuň eserde ýatlanylýan ýedi syýahatynda dürli wakalaryň üsti bilen birin – birin açylyp görkezilýär. Wakalar gysgaça aşakdakylar ýalyrak bolýar.

- “Meniň deý merdanlar öter jebirde,
- Azapdan dynarlar lahat[1] – gabyrda.

Azapdan dynarlar lahat[2] – gabyrda.

---

[1] لَحَدٌ – gabyr, gör.

Müflisim çykypdyr, ýüküm agyrdyr,
Halym perişandyr, arkam ýagyrdyr.

Il görseň bagtlydyr, Allamdan hököm,
Ömründe çekmezler bir günlük ýüküm.

Iýer – içer, artar şany – şöhrady,
Yrylmaz döwleti, tapar myrady.

Allam bir damjadan ýaratmyş bary,
Kem ýerim ýok, menem deňme – deň biri.

Emma deňäp görseň, tapawut köpdür,
Men bir turşy zirke, olar şerapdyr.

Ýöne küpür däl men, rebbim hyda sen,
“Işleriň adyldyr, sen adyl şa sen”[3].



Ynha, bu setirler gury ýerde gezip, ençeme “çepegini dagadan” Sindbad bilen deňizleriňdir adalaryň köpüsinde “külüni döken”, deňizçi Sindbady duşuşdyran, “Müň bir gijäniň” “Deňizde gezen Sindbad hakynda hekaýat” atly ertekiniň

[2] لَحَدٌ – gabyr, gör.
[3] Müň bir gije. A., 1978. 357 – 358 sah.

gyzykly wakalarynyň açary bolan setirler. Hut şu setirler arkaly hem tutuş adamzadyň arasynda uly söýgini gazanyp bilen ertekiler dünýä inýär...

Öz gara gününden nalap, soňra bolsa toba gelip, özüne şol gara gününi hem eçilen Ýaradana şükür edip, gazal okaýan Sindbad hammal özüniň gysga setirleri bilen daşyndaky adamlaryň arasynda özüne bolan duýgudaşlygy, howandarlygy döredip bilipdir. Elbetde, bu setirler arap şygryýetiniň aňrybaşlygyndan nyşan. Manysy we stili taýyndan nazara alynsa, bu setirler arap şygyýetiniň Yslamyň gülläp ösen döwürlerine degişlidiginden habar berýär. Orta asyrlar eýýamynda Abbasylar edebiýatynda şeýle şygyrlary döretmek , gysga setirlerde Ýer, ýaşaýyş, durmuş, barlyk hakyndaky filosofiki pikirlerini beýan etmek her bir şahyrçylyk eden şahsyň edebi mirasynda gabat gelýär.

Gepiň keltesi, ertekilerde hammal Sindbadyň şygyrlaryndan soň deňizde gezen Sindbad özüniň ýedi syýahaty hakynda gürrüň bermäge başlaýar we her syýahaty üçin ýedi gün meýlis guraýar, her bir syýahaty bir günlap gürrüň berýar, hammal atdaşynda bolsa her bir syýahatyny gürrüň bereninden soň, ýüz mysgal gyzyl eçilýär. Ertekidäki “ýedi gün meýlis guramak”, “bir günläp gürrüň bermek”, “ýüz mysgal gyzyl” ýaly sanlar bilen baglanyşykly söz düzümleri diňe bir “Müň bir gijäniň” beýleki ertekilerinde gabat gelmän, eýsem tutuş gündogar edebiýatynyň beýleki şahalarynda hem duşýar. Sindbadyň ýedi gezek syýahata gitmegi hem hut şu mesele bilen, belli bir derejede baglanyşykly bolsa gerek!

***Sindbadyň birinji syýahaty*** asly baý, gurply maşgaladan bolan gahrymanyň keýpi – sapa kowalaşyp, tutuş emläginden diýen ýaly “el ýuwmagy” bilen başlanýar. Sindbad ilkinji gezek özüniň toplan satlyk harytlary bilen Bagdatdan Basra tarap ýola rowana bolýar. Deňizde olar bir del ada gabat gelip, onda az salym düşleýärler. Ynha birden hem gäminiň kapitany özleriniň ada diýip düşlän ýerleriniň äpet bir balygyň üstüdigini gämiden düşen ýolagçylara gyssanmaç habar berýär. Hälki balyk bolsa, ukudan oýanyp, suwa çümüp gidýär, onuň üstünden düşüp ýetişmedikler hem deňizde gark bolýarlar. Şolaryň arasynda Sindbad hem bar eken. Ýöne Sindbada Allanyň hemaýaty bilen heläkçilikden halas bolmak we özüni başga bir ada atmak başardýar. Şeýlelik bilen, ol Al – Mihrjan

atly patyşanyň şol adada deňiz atlaryndan tohumlyk taýlary alýan atbakarlaryna gabat gelip, onuň huzuryna barýar. Patyşa bilen “sözi alyşan” Sindbad onuň köşgünde galyp, hyzmatlaryny bitirip, patyşanyň “sag eline” öwrülýär. Ynha günleriň birinde Sindbad öz işi bilen deňiziň kenarynda gezelenç edip ýörkä, özüniň aýra düşen gämisine we elden gidiren satlyk harytlaryna gabat gelýär. Kapitana öz başyndan geçirmelerini gürrüň bermek bilen Sindbad ähli zatlaryny yzyna gaýtaryp alýar. Sýužetiň gowulyga tarap ösdürilmegi bilen biziň gahrymanymyz – Sindbad özüniň ýitirip tapan harytlaryny satyp, uly möçberli gazanç edip, Al – Mihrijan patyşadan rugsat alyp, Basra şäherine gelýär, ol ýerden hem Bagdada gowuşýar. Sag – salamat öýüne dolanan Sindbad ýene – de özüniň başyndan geçiren külpetlerini unudyp, şady – horramlykda ýaşap başlaýar.

Birinji syýahaty hakyndaky wakalary gürrüň edýän mahaly Sindbad, orta asyrlaryň taryhyna, geografiki ýer – ýurtlara degişli bir giden maglumatlaryň üstüni açýar. Bir gezek ol Al – Mihrijan patyşanyň huzuryna baranynda, köpsanly hindä duşýar we olaryň şakiritler (bu bolsa iň hormatly tire)[4] tiresindendigini, özleriniň hem hiç kime zulum etmeýändiklerini, şeýle-de olaryň arasynda az sanly brahmanlaryň hem bardygyny we olaryň hiç haçan şerap içmeýändiklerini, brahmanlaryň diňe aýdym – sazdan lezzet alýandyklaryny, şadyýan, agzybir ýaşaýandyklaryny, tutuş hindileriň ýetmiş iki tirä bölünýändigini görýär. Sindbadyň birinji syýahatynda başga – da käbir orta asyrlara degişli bolan ylmy hyzmaty bolan maglumatlar bar. Eserdäki bu hili bölekler orta asyrlar zamanasy, “Müň bir gijäniň” döreýiş taryhy hakynda ylmy derňewler üçin delil bolup biler.

***Sindbadyň ikinji syýahaty*** hem özüniň ähli gazanjyny keýp çekmek bilen “ýele sowuran” gahrymanyň birsydyrgyn şadyýan, gaýgy – gamsyz durmuşdan ýadap, gazançdyr, syýahat hakynda aladalanyp başlamagy bilen başlanýar. Ol deňizde ýüzüp, ajaýyp bir adanyň üstünden barýar. Ýene – de şol nätanyş, geň – enaýy ada. Her kim gämiden düşüp, goş ýazdyrýar. Iýip – içip, arassa howada, saýada meýmirän Sindbad ýoluň ýadawlygy bilen uka gidýär we özüniň gelen gämisinden galyberýär. Aýlanyp ýörkä Sindbad ruhh atly guşuň höwürtgesine

---

[4] Müň bir gije. A., 1978. 365 sah.

gabat gelip, onuň aýaklaryna öz sellesinde edilen tanap bilen asylyp, başga bir ada özüni atýar. Onuň ikinji baran adasy hem uly aždarhalaryň, ýylanlaýň ýaşaýan mesgeni bolsa nätjek?! Soňra Sindbada şol adadan göwher çöpleýan täjirlere gabat gelmek we ýany bilen ep – esli gymmat bahalay daşlary alyp çykmak başardýar. Şeýlelik bilen Sindbad ýene – de ölümden halas bolup, öz iline dolanýar we keýpi – sapada döwran sürmäge başlaýar.

Sindbadyň ikinji syýahatyndaky gören täsinlikleriniň arasynda Kamfar agajy bilen şahburun atly haýwanyň, äpet pilleriň, guşlaryň, gäwmiş öküzleriň, köp mukdardaky bahaly daşlardan baýlygy bolan haýsydyr bir ýurdyň ady bar. Dogrudan hem, şahburunlardyr piller, et iýýän uly guşlardyr gäwmiş öküzler Afrika materiginde ýaşaýarlar. Ýewropalylaryň deňizlerde eden altyn – kümüş üstündäki uruşlary hem şol ýerlerde bolup geçipdir. Gürrüňi edilýän wakalar şol ýerlerde has irki – “Müň bir gijäniň” dörän döwürlerinde – de bolandyr diýip çaklamak bolar.

***Sindbadyň üçünji syýahaty*** gury ýerde gezen, gende Sindbadyň bu gün hem myhmançylyga gelmegi bilen rowaýat edilip başlanýar. Bu gezek hem edil öňküleri ýaly, zol keýpi – sapada ýaşamakdan ýüregi gysan Sindbad deňizleri aşyp syýahat etmegi ýüregine düwýär. Onuň ýüklenip, ýüzüp barýan gämisiniň kapitany ençeme ýol geçensoňlar, “özleriniň ýalňyşyp, maýmyn sypat adamlaryň adasyna düşendiklerini” habar beýär. Maýmynlar ýolagçylary kenra taşlap, gämilerini hem alyp ötä gidýärler. Adada galan adamlar bilen birlikde Sindbad hem şol ýerde bir köşkde ýaşaýan äpet, adamhor döwe duçar bolup, ondan köp külpetleri çeke – çeke halas bolýarlar, emma adamhor, är – heleý döwlerden halas bolanlaryň sany üç sanydy. “Çöregi bitinler” öz gaýyklarynda ýüzüp, başga bir – ikinji ada baryp düşýärler. Ol ýerde bolsa äpet aždarha olaryň kastyna çykýar. Emma özüniň akylly – başly ugurtapyjylygy bilen Sindbada ol aždarhadan halas bolmak nesip edýär. Ol ýene – de bir ötegçi gämä gabat gelip, ol gämiden hem özüniň ikinji syýahatynda ýitiren harytlaryny tapýar we olary Sinda ýurdunda satyp, ep – esli mal – baýlyk toplaýar. Ol ýene – de şady – horram durmuşyna ulaşyp gidýär.

Ertekiniň düzümindäki bu nowellada gürrüňi edilýän wakalaryň hemmesi diýen ýaly diňe jadyly wakalardan ybarat. Bir pajygaly waka ikinjä ulaşsa, ikinjiden sypmak üçin bolsa üçinjä uçraşylýar. Emma üçünji nowelladaky üç jadyly başdan geçirmeleri öňdäki iki nowelladaky ýaly, gaýtalanýan "täjirleriň halas etmesi we öz ýitiren emläklerine duşmak" kimin hadysalar Sindbadyň üçünji syýahatyny jemleýär.

***Sindbadyň dördünji syýahaty*** hakyndaky nowellany öňdäki üç nowellanyň girişi ýaly giriş açyp başlaýar. Sindbad ýene – de Bagdatdan Basra tarap ýola düşýär. Ynha ýolda birden turan uly tupan, olaryň gämisine uly zeper ýetirýär. Gark bolanlaryň arasynda Sindbad hem bar eken. Saý – sebäp bilen Sindbada we onuň käbir egindeşlerine halas bolmak başardýar we olar bir ada özlerini atýarlar. Ol ýerde bolsa Sindbad we onuň egindeşlerine jadygöýler gabat gelip, köp heläkçilikleri başlaryna salýarlar. Sindbadyň egindeşleri jadygöýler tarapyndan jadylanyp, mal ýaly meýdanda bakylýarlar, emma zäherli nahardan iýmedik Sindbada halas bolmak başardýar. Jadygöýlerden gutulmak üçin ýedi gije – gündiz ýol söken Sindbad ahyrynda , birnäçe miwe ýygyp ýören adamlara duşýar. Şol adamlaryň hemaýaty bilen Sindbad olaryň patyşalarynyň ýanyna barýar we oňa at üçin eýer ýasap berýar. Soňlugy bilen Sindbad şol ýerde eýer ýasamak bilen mal – döwlet toplaýar we ol ýeriň halkynyň ynamdar adamyna öwrülýär. Wakalaryň ösmegi bilen, Sindbad bu ýerli baýyň gyzyna öýlenýär. Ynha köp wagtyň geçmegi bilen, Sindbad ol ýerdäki adamlaryň arasynda däbe öwrülen – ölen adamyň ýany bilen diri ýoldaşyny hem öli taşlanýan gowaga taşlamaklyk adatlaryndan habardar bolýar. Bu waka Sindbadyň aýalynyň ölmegi bilen, öz başyna hem gelýär. Diriligine ölüleriň arasyna taşlanan Sindbad diri taşlanany öldürip, azygyny alyp, öli taşlananyň gymmatbahaly şaý – seplerinidir lybaslayny çöpläp, hem diri galýar, hem ep – esli baýlyk toplaýar. Ahyrynda hem Sindbad şol töwerekden geçip barýan bir gämä sataşyp, sag – aman öý – ojagyna dolanýar.

Bu nowellada öňdäki nowellalardan tapawutlylykda jadyly wakalar haýwanlar bilen adamlaryň arasynda bolmakdan öwrülip, adamlaryň durmuşynda bolmak häsiýetine geçýär. Sindbad bu nowellada diňe bir diri adamlaryň arasynda

däl, eýsem ölüleriň arasyndada ýaşaýar. Ol ýaşamak üçin öldürýär, ogurlaýar, talaýar, aldaýar... Eseriň bu nowellasynda hem haýsydyr bir halkyň ýa – da taýpanyň urp – adatlary, ýaşaýyň durmuşy we tebigy ýerleşişi (belent dagyň aňyrsyndaky şäher) barada maglumat berilýär.

***Sindbadyň başinji syýahaty*** hem edil öňküleri ýaly başlanýar. Wakalar şeýle bolýar. Sindbad ýene – de uzak syýahata şaýlanyp, Bagdatdan Basra tarap ýola düşýär. Ýol ugruna söwda – satyklary ugruna bolup barýan söwdegärler ahyrynda, bir adam – garasyz adada labyr taşlaýarlar. Ol adada ýaşaýan ruhh atly äpet guşlar täjirleriň başynda gowga turuzýarlar. Gämidäkiler heläkçilige uçraýarlar. Sindbad bolsa, ýene – de Allanyň eradasy bilen, bir bölek agaja ýapyşyp, halas bolýar. Golaýdaky adalaryň birine özüni atan Sindbad ol ýerde kösençleriň ençemesini başdan geçirmeli bolýar. Ol jadygöýlikden başy çykýan bir garrynyň girdabyna düşüp, ençeme wagtlap garryny arkasyna hopba edip gezipdir. Ahyrynda hem oňa şerap içirip, ony öldürmek bilen, garrynyň azabyndan halas bolýar. Sindbad garrydan hem dynandan soň, oňa bir ötegçi gämi ýolukýar we gämidäkilerden özüniň öldüren garrysynyň deňiz şahydygyny eşidip galýar.  Ol hälki gämi bilen gijelerine maýmynlar tarapyndan talanýandygy sebäpli, tutuş ilatynyň gijesini deňizde gämidir gaýyklarda geçirýän şäherine baryp ýetýär. Ol ýerde bolsa, Sindbad gündizlerine tokaýda agaçlarda bukulýan maýmynlary kesekläp, olaryň zyňan kokos hozlaryny hem ýygnap, olary – da bazarlarda satyp uly möçberde pul gazanmagy başarýar we bir gämi bilen Bagdada baka ýola rowana bolýar ýolda ol ençeme täsinliklere gabat gelip, öz ýurduna dolanyp gelýär.

“Deňizde gezen Sindbad hakyndaky hekaýat” atly ertekileriň düzümine girýän “Sindbadyň bäşinji syýahaty” atly nowella hem orta asyrlardan habar berýän geografiki ýer – ýurtlaryň atlary, ol ýerleriň käbir durmuş ýagdaýlary, tebigy baýlyklary hakynda gürrüň berilýär. Bu nowelladaky beýan edilýän wakalar esasan, jadyly güýçleri açyp görkezmekilige däl-de, eýsem adam başarjaňlygynyň, ugurtapyjylygynyň aşa ulaldylmagyna gönükdirilendir.

***Sindbadyň altynjy syýahaty*** hem özboluşly, täsin başdangeçirmelerden, gyzykly wakalardan doly. Özüniň nobatdaky syýahatyna rowana bolan Sindbadyň

ugry ýene – de Basra, ol ýerden hem uzak ülkelere tarap. Ýolagçylaryň gämileri ýene – de azaşyp, heläkçilige uçraýar. Ynha – da del, uç – gyraksyz bir ada. Onuň kenary deňizde heläk bolan gämi böleklerden, gymmat bahaly harytlardan, adam jesetlerinden doly. Hatda-da ol ýerdäki çeşmelerden hem müşkdir anbar akyp ýatyr. Emma bu ada nä derejede gözel, nä derejede baý bolsa – da, ol ýerde hiç hili janly – lemende görünenok. Sindbadyň egindeşleriniň hem bary ölüp, heläk bolupdyr. Öň hem köp jebirli günleri başyndan geçiren Sindbad bu gezek hem gutulmagyň ugruna çykýar. Ol adada ösýän gymmatbahaly hytaý we kamar zenjepillerinden kesişdirip, bir gaýyk ýasanýar we onuň içini şol ýerde pytyraşyp ýatan lagly – göwherlerden dolduryp, çeşmeleriň biriniň ugruna kürekläp başlaýar. Uzak we kynçylykly ýüzüş etmek bilen, ol uzyn gowagyň aňyrsyndaky adamly ýerlere gowuşýar hem – de ol ýerdäki daýhanlaryň kömegi bilen ýerli patyşanyň köşgüne özüni atýar.  Özüniň hälki ýygnan gymmat bahaly daşlaryny satyp, pul gazanan Sindbad bir gämi bilen Bagdada dolanýar. Hälki ýurduň patyşasy bolsa, Bagdadyň halyfy Harun ar – Reşide sowgat serpaý ýollaýar. Garaz, Sindbad ýene – de öz il – gününe gowuşýar.

Ertekidäki altynjy syýahat hakynda söhbet açýan nowella Harun ar – Reşidýaly taryhy şahslaryň ady bilen baglanyşykly bolandygy üçin ynandyryjy äheňde ýaňlanýar.  Nowelladaky wakalarda hiç hili döwdir aždarha, jadygöýdir ruhh ýaly jadyly güýçler hereket etmeýärler. Onda esasan, tebigatyň gözellikleri, onuň baýlyklary fantastiki äheňde taryp edilýär, olar dini rowaýatlardaky jennediň şekilinden habar berýärler.

***Sindbadyň ýedinji syýahaty*** atly nowella ertekiniň iň soňky bölümidir. Sindbad ýene – de özüniň satlyk harytlaryny Basranyň deňiz duralgasyna eltip, gämä münýär we çet ülkelere baka ýola düşýär. Ine bu gezek hemadatdaky ýaly ýoldan azaşmaklyk, aljyraňňylyk, heläkçilik... Sindbad  bir gämi bölegine asylyp, janyny saklaýar. Adada ýeke galan Sindbad ýene – de aýralyk belasyndan gutulmagyň ýoluny agtaryp başlaýar. Ol adadaky iň gymmat bahaly sandal agaçlarynyň şahalaryndan bir gaýyk edinip, deňize inip, sürüberýär. Ahyrynda – da bir tam – tarasly kenarda saklanýar. Sindbad gelen ýerinde ýerli şyh bilen gatnaşyk

açyp, özüniň gymmat bahaly gaýyk ýasanan agaçlaryny satyp, pul gazanyp, hälki şyhyň bolsa gyzyna öýlenip, bagtyýar ýaşap başlaýar. Ynha günlerde bir gün şyh amanadyny tabşyrýar, Sindbad bolsa başga bir geň wakanyň syryny bilýär, ýagny onuň baran ýerlerinde ýaşaýan adamlar her aýda özleriniň daşky keşplerini üýtgedýän ekenler. Sindbad hem olaryň biri bilen ýedi gat asmana göterilýär, emma asmandan howp inmegi bilen uçýan adamlar ony nätanyş bir adada taşlap gidýärler. Ol adadaky täze heläkçiliklerden gutulan Sindbad ýene – de öz aýalyna gowuşýar. Bu gezek ol şol uçýan adamlar bilen uçanynda Allany ýatlamazlygy boýun alýar we şeýle hem edýär. Netijede uly baýlyk gazanan Sindbad öz aýaly bilen Bagdada dolanýar. Onuň ýedinji syýahaty ýigrimi ýedi ýyllap dowam edipdir.

Sindbadyň ýedinji syýahaty hakyndaky nowella özboluşly, täsin gürrüňlerden doly. Bu nowellany Hudaý we Şeýtan, olaryň arasyndaky tersleşik, Şeýtanyň ýere kowulmagy hakyndaky dini rowaýatlar bilen baglanyşdyryp öwrenmek hakykata laýyk gelýär. Sebäbi bu nowelladaky käbir wakalary: adamlarynyň keşbiniň üýtgemesi, şeýtanpisintleriň adamlaryň arasynda ýaşamagy, olaryň asmana tarap uçuş synanyşyklary, asmanda azan sesleriniň eşidilmegi, Alla tarapyndan olaryň arşa ýetmezden yzyna gaýtarylmagy özbaşdak, çuňňur derňewlere mätäç. Ady agzalýan nowellada dini äheňleriň köplügi onuň döreýiş taryhyndan hem habar bermän duranok.

Umuman, “Deňizde gezen Sindbad hakyndaky hekaýat” atly erteki “Müň bir gijäniň” iň bir ajaýyp ertekileriniň hataryna girýär. Ertekiniň dünýä edebiýatynyň ajaýyp nusgalaryndan täsirlenendigi, şeýle – de belli bir derejede öz täsirini hem oňa ýetirendigi ertekileri okanymyzda aýdyň ýüze çykýar. Ertekileri ylmy taýdan derňemek we türkmen edebiýaty bar bolan edebi täsirlemelerini anyklamak umumyrak ýokardakylar ýaly häsiýetdedir.